Biz Gagarin nesli / poema

Category: Kitapcy,Poemalar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Biz Gagarin nesli / poema BIZ GAGARIN NESLI

1. Kebşirleýji taýajyk

Görüpmidiň, dostum, polat eredip,
Görüpmidiň onuň dönüşin muma?
Keseden däl, ele alyp seredip
Görüpmidiň suw deý bulduryan sime?

Görüpmidiň älemgoşar döredip,
Görüpmidiň düşüp ylham-göçgüne?!
Keseden däl, ele alyp seredip,
Görüpmidiň birden milýon uçguna!

Birden milýon zer-ýyldyza, röwüşe –
Her birisi tawus guşuň käkili!
Bolup görüpmidiň säherler, dostum,
Şäheri ýagtyldýan Günüň häkimi?!

Jadyly taýajyk, jadyly gural
Binalañ başynda zoguryar şony.
Deryalañ biline GES-leri orap,
Tolkunlañ joşundan soguryar şony!

Onuň ýalkymyny göresiň gelse,
Oba-şäherime – islän taýa çyk,
Kosmosa-da uçgunyny syçradyp,
Görkezendir gudratyn bu taýajyk!

…Şol otly taýajyk elimde, ine!
Göýä säherleriň dirižýory men,
Aýak goşup halypalañ aýagna,
Ýagty gelejege çekýän ýoly men!

Kebşirleýän demir bilen demiri,

Kebşirleýän polat bilen polady, –
Şu gün bilen Gelejegiň sepini
Berkidýän öz elim bilen ebedi!

2. Şäherimiň şahyry

Sallarlap-sallarlap her sözi şahyr,
Birini birine tirkeýär jebis.
Öz diýen eseri bolynça ahyr,
Der saçyp işleýär ol gyş-u-tomus.

Çür başyndan başlaýar ol binýady,
Soňra aşak inýär – barha çuňlaşýar:
Dür sözlerden dürs örülen setirleň
Ýüregi badaşyp, süňňi sazlaşýar…

Söz deý düzýän menem daşdan setirim,
Birini birine tirkeýän jebis, –
Meniň «bentlerimi» synag etmeli
Ýaz ýagmyry, gyşyň gary hem tomus.

Hawa, menem şu şäheriň şahyry,
Şygrym köçä ýazdym setirme-setir,
Her setirmiň añyrsynda syn etseň
Adamlañ durmuşy, arzuwy ýatyr!

Säher…
Belent kranlaryň
Şadyýan aýdymyn owazy gelýär.
Toprakdan başlanyp setirme-setir
Meniň poemalam asmana galýar!

Täze penjireler, täze gapylar
Bahym ýañlanarlar çaga sesine!
…Bu diwarlañ iň ýokarky setiri
Deňdir çyn aýdymyň jemlemesine!

3. Ýigdelýän sähram

Garagumuň alañlarnyň arasy,

Kä epgek, kä boran, kä çapgyn şemal…
Dostlugyñ, mertligiñ Synag Zonasy,
Ýowuz ýollaryñda tapýaryn kemal!

…Depäñi gaýnadýar simap deý howry,
Bu sähraň gylygy çakyňdan ýeser, –
Gün ýaşanda ak çägesin sowuryp,
Seň säher ýörejek ýoluňy keser.

Ýatar wagtyň zaryn-zaryn ses edip,
dowul ýetiýr her sazakdan-selinden,
Ýaralanan aždarha deý esedip,
Häkimligin bermejek bor elinden.

Tamdyr deý sähranyň jümmüşi, ine,
Takyrdan, çägeden ýol salyp barýas.
Käte çykyp al alaňlaň gerşine,
Geçilen menzile eginden garýas.

Gollaryň goýnunda gözýetime çen
Çeken sapagymyz uzalyp ýatyr.
Şol polat sapagyň – turbaň üstünde
Gözüni tegeläp towşanjyk otyr.

Keýerilip haýran galýar towşanjyk,
Bu ne alaň, bu nä del depe?
(Ýigdelýän sähramda her säher şeýdip,
Duşýar köne bilen täze pelsepe!)

Gorkma, hüşerlenme, eý uzyngulak!
Seret, çöle bahar gelýär, ýaz gelýär!
Ördekler ýetenok bu ýere entek,
Ýöne eýýäm gapdalyňdan gaz gelýär!

4. Mukaddes mukam

Telegraf, telefon simleri gyzyp,
Haýyşdyr sowaldan dolup dur efir:
«Kerpiji köpüräk, agajy azrak,

Betony goýurak, şiferi tizräk
Ýetir, ýetir, ýetir!»

Telegramma: «Söýýän! Toýumyz şu ýaz!»
Pyragyň goşgusy, Şopen dutar, jaz…
Dañdanmy, öýlänmi, agşammy, ertir
Damar deý tirsildäp işleýär efir,
Efiriň içinden geçýär okkessir:
«Stanok iber!» «Magdan ugrat!»
«Çüý getir!»…

Añzakly gyşda hem bilbilli ýazda
Meniñem perdäm bar şu ajap sazda,
Ýetmese-de şindi-şindi şirwana,
Owaz saçýar meniň perdäm çar ýana!

Gulak goý alañlaň arasyndaky,
Polat burawlaryň iññildisine!
Gulak goý, selinleň añyrsyndaky
Süýşüp gelýän buldozerleň sesine!

Eşidiler şonda meñem owazym,
Ýañlandyrar ol saz agşamyň-şamyň,
…Öwrenýän men öz perdämde çalmany
Mukamlar soltany Zähmet Mukamyn!

5. Ilkinji aýlyk

Hiç mahal bolmandym men beýle sahy,
Bolmandym hiç mahal şu günki deý baý! –
Çagalar, daşyma aýlanyň hany,
Size kemput aldym, paýlajak toýpaý!

Öz-özüme berjek bu gün gutlugy, –
Bir gujak şar alyp uçurjak göge!
Goý, bu günüň guwanjy hem şatlygy,
Ýañlasyn düzlüge, ýañlansyn daga!

Asmana seçilip ýagty salýut dek,

Ýañlansyn zemine gök şarlañ zalpy, –
Bu gün kabul etdi sapyna meni
Aly Hezretleri Işçiler Synpy!

Goşuldy Ýurdumyñ zähmet gününe
Meniñ zähmet günüm, meniñ senedim!
Barabardyr dünýä hazynasyna
Der döküp gazanan halal manadym!

Altyn, kümüş… Bilýän, ýeriñ ýüzünde
Bardyr zatlañ gymmadyndan gymmady,
Ýöne şolañ hemmesinden beýikdir,
Elimdäki şu manadyñ hümmeti!

Hiç mahal bolmandym men şeýle sahy,
Bolmandym hiç haçal şu günki deý baý! –
Çagalar, daşyma aýlanyñ hany,
Size öz elimden paýlajak toýpaý!

6. Biz Gagarin nesli

Tomaşaçy bolup gelemzok dünýä,
Gelemzok sähere syn etmek üçin, –
Juwan ýüreklerimiz sabyrsyz urýa
Ertirki işleri şun etmek üçin!

Elimizde atalary çekiji,
Elimizde atalaryñ oragy,
Dilimizde atalaryñ aýdymy,
Gursagymyzda – atalaryñ ýüregi!

Öñümizde zähmet, göreş meýdany,
Onuñ saýlajagy zoruñ zorudyr.
Biziñ durmuş mekdebimiziñ beýigi
Gagariniñ işlän stanogydyr!

Tomaşaçy bolup gelemzok dünýä,
Gelemzok biz oña syn etmek üçin,
Juwan ýüreklerimiz sabyrsyz urýa

Ertirki menzile şun etmek üçin!

Annaberdi AGABAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy. Poemalar